TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

Gurbansähedow Gurbansähet

MATEMATIK MODELLERI EHM-DE HASAPLAMAK

Önümçiligi we tehnologik prosessleri awtomatlaşdyrmak
hünäri üçin

Aşgabat – 2010

Giriş

XXI – asyrda Türkmenistanyň Altyn asyra üstünlikli barmagyň möhüm şertleriniň biri hem tehnikany ösdürmek we öňdebaryjy tehnologoýalary ornaşdyrmakdan ybarat. Şu maksat bilen ýurdumyzda 2020–njy ýyla döwür üçin ylmy-tehniki we tehnologiki ösüşiň Maksatnamasy işlenip düzüldi.

Ýurdumyzyň Prezideti bu ugurdaky syýasaty ýokary halkara derejesindäki tehnologiýalaryň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrmagyny we öz tehnologiýalarymyzyň ösdürilmegini talap edýär.

Geljekde 2020-njy ýyla çenli ylym tarapyndan çözülmeli meseleler ykdysady binýady ösdürmegiň eseasynda halkyň hal-ýagdaýynyň ýokary derejesini üpjün etmäge gönükdirilen durmuş syýasatyndan gelip çykýar.

Öňde goýlan maksada laýyklykda ýurdumyzda ylmy-tehniki syýasat şu esaslardan amala aşyrylar:

- Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynda dünýä ylmyň we tejribesiniň gazananlaryny giňden ulanmak;
- Ýurdumyzyň ylmy tehniki mümkinçilikleriniň esasynda geçirilýän düýpli we amaly barlaglaryň netijesini çalt depginler bilen önünçilige ornaşdyrmak.

Ylymy- tehniki taýdan ösüş maksatnamasyny dürmuşa geçirmek aşakdaky esasy wezipeleriň çözülmegini talap edýär:

- Ylymy mümkinçilikleriň ykdysadyýeti we durmuş pudaklaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugrularyndan jemlenmegi, Türkmenistanyň ýerli şertlerini we aýratynlyklaryny göz öňünde tutup pudaklarynyň anyk wezipeleriniň çözülmegini;
- Ýokary okuw jaýlarynda ylmy- guminitar barlaglaryň ösdürlendiginiň, ylmy mümkinçilikleriniň doly ulanmagyny;
- Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň batly ösüşini üpjün etmek we onuň öňde baryjy tehnologiýalar boýunça maglumat esasynda döretmek üçin dünýädäki gazanylan iň täze zatlaryň giňde ulanylmagy

- Ylmy tehnika we öňde baryjy tehnologoýa babatynda daşary ýurtda we halkara guramlar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmegi;
- Türkmenistanyň ýokary derejede ösen dünýewi demokratik döwlete öwürmek barada öňde goýlan wezipeleri çözmäge ukyply, Türkmenistanyň Prezidentine jany- teni bilen hyzmat etmäge taýar ýokary hünärli işgärleri taýarlamak.

Garassyzlygyň ýyllary içinde ylmy-tehniki ugurda ylmy dolandyrmagyň düzümini kämilleşdirmäge, ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň möhüm, ileri tutulýan wezipeleri çözmäge ylmy edaralary ugrukdyrmaga gönikdirilen çuňňur özgerişler boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow ýaş nesle dünýä derejesinde bilim bermek, hünär öwretmek barada alada edýär, bilim işgärlerine bu babatda anyk görkezmeler, tabşyryklar berýär.

Beýik galkynyşlar zamanamyzda möhüm şertleriniň biri hem, tehnikany ösdürmek we öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Şu maksat bilen ýurdumyzda 2010-2020 njy ýyla çenli döwür üçin ylmy – tehniki we tehnologiki ösüşiň maksatnamasy işlenilip düzüldi.

Bize häzirki zaman tehniki enjamlaryndan, kompýuterlerden baş çykarýan ýaşlary taýarlamak gerekdir” diýip adalatly bellenýar. Bu meseläni çözmekde ýaşlara kompýuter tilsimatynyň esaslaryny öwretmegiň ähmiýeti uludyr. Hormatly perezidentimizin talaplary esasynda biziň institutymyzda okuw maksatnamalary düzülende talyplaryň önümçilikde wajyp meseleleri çözmeklige çekilmeleri olaryň täze tilsimat taslamalary düzmekligi, dünýäde gazanan tilsimat netijeleri önümçilige ornaşdyrmaklyga gatnaşmagy, bazar gatnaşyklary şertlerde önümçiligi gurnamaklygy we ýöretmegi başarmagy göz öňünde tutuldy.

Şeýlelikde, geljekki hünärmenler okuwda alan bilimlerini durmuşda ulanmak ukybyna eýe bolarlar. Institutyň uçurymlaryna şeýle başarnygy toplamak üçin, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, olaryň türkmen ykdysadyýetiniň ösüşini biziň milli baýlyklarymyz bolan nebitiň, gazyň, pagtanyň we beýleki önümleriň gymmatyny, olaryň dünýä bazaryndaky ornuny bilmekleri gerek. Talyplar bilen geçirilýän sapaklar bu gymmatlyklar barada giňişleýin düşünjeler berer.

Halk hojalygynyň pudaklary üçin iň täze tilsimaty gözlemekde we önümçilige ornaşdyrmakda kömek bermek üçin Dünýä ylym, bilim, habar beriş torynyň kömegi bilen institutyň mugallymlary we talyplary bilim ulgamyndaky dünýä ülüňlerine gabat gelýän okuw, ylmy barlag işleriniň gurnalyşy, häzirki zaman bilim tilsimatyny, bilim ulgamynda öňdebaryjy tejribäni öwrenýärler. Institutymyzda hünär öwredilişini hasaba almak bilen nebit we gaz, himiýa senagatyndaky, gurluşykdaky,energetikadaky täze tilsimatlar we enjamlar, kompýuter tilsimaty ulgamyndaky, ykdysadyýetdäki täze işläp taýýarlamalar boýunça maglumatlar toplamak işleri alnyp barylýar.

Bu ulgamyň maglumatlarynyň esasynda institutda hünärmenleri taýýarlamagyň esasy ugurlary boýunça elektron maglumat banklary döredildi, kitapça görnüşinde neşir edilip, olar talyplaryň we mugallymlaryň hyzmatynda goýuldy.

Senagatyň her bir pudagynyň ugry babatda dünýäniň gazananlaryny, tejribesini öwrenmek, täze tilsimaty önümçilige ornaşdyrmak, türkmeniň Altyn asyrdaky inženerleriň orny bilen baglanyşykly soraglar biziň talyplarymyzyň arasynda uly gyzyklanma döredýär. Hormatly Prezidentimiziň ylmy täzeçe guramak baradaky görkezmelerinden ugur alyp, ylmy mümkinçilikleri, talyplaryň ylma bolan hyjuwlaryny göz öňünde tutup, kafedralaryň köpüsinde ylmy toparlar döredildi. Bu toparlar Türkmenistanyň şertlerinde tehnika we tilsimaty bilen baglanyşykly ylmy barlaglaryň ýollaryny anyklamaga kömek edýär.

I B A P

Koşiniň formulasy.

1. Koşiniň formulasy. Ortalyk baha barada teorema.

Teorema 1. Goý, analitiki köp baglanşykly meýdanda *f(z)* funksiýa berlen bolsun we $\Omega \subset G$ käbir meýdany çäklendirýän düzüji ýa-da ýönkeý *l* kontur berlen bolsun. Onda Ω meýdana degişli islendik içki *z* nokat üçin Koşiniň formulasy dogrudyr.

$$f(z) = \frac{1}{2\pi j} \int_l \frac{f(\zeta)}{\zeta - z} d\zeta. \qquad (1)$$

Subudy. Ω meýdandan merkezi z nokatda bolan r radiusly töweregi ýok edeliň. Alnan Ω^* meýdanda integral asty funksiýanyň sanawjysy we maýdalawjysy ζ degişlilikde analitiki, maýdalawjy hiç wagt nola öwrülmeýär. Şonuň üçin integral astynadaky funksiýa Ω^* meýdanda analitiki. Koşiniň teoremasy boýunça köp baglanşykly meýdandan alarys

$$\int_l \frac{f(\zeta)}{\zeta - z} d\zeta + \int_{\bar{l}_r} \frac{f(\zeta) d\zeta}{\zeta - z} = 0,$$

Bu ýerde l_r - r radiusyň töweregi, çyzyk töwerek sagat dikiniň ugry boýunça aýlanýandygyny görkezýär. (1) integralyň häsiýetini hasaba alyp indikini alarys,

$$\int_l \frac{f(\zeta) d\zeta}{\zeta - z} = \int_{l_r} \frac{f(\zeta) d\zeta}{\zeta - z}, \qquad (2)$$

l_r töwerekde $\zeta - z = re^{j\varphi}$, we $d\zeta = jre^{j\varphi} d\varphi$ deňlemeler dogry. Onda

$$\frac{1}{2\pi j} \int_{l_r} \frac{f(z) d\zeta}{\zeta - z} = \frac{f(z)}{2\pi j} \int_{l_r} \frac{jre^{j\varphi} d\varphi}{re^{j\varphi}} = f(z). \qquad (3)$$

(2) we (3) formulalardan indiki gelip çykýar

$$\frac{1}{2\pi j} \int_l \frac{f(\zeta) d\zeta}{\zeta - z} - f(z) = \frac{1}{2\pi j} \int_{l_r} \frac{f(\zeta) - f(z)}{\zeta - z} d\zeta. \qquad (4)$$

(4) deňlemäniň sag tarapyny modul boýunça bahalandyralyň:

$$\left|\frac{1}{2\pi j}\int_{l_r}\frac{f(\zeta)-f(z)}{\zeta-z}d\zeta\right| \le \frac{1}{2\pi}\max\left|f(\zeta)-f(z)\right|\frac{2\pi r}{r} = \max_{l_r}\left|f(\zeta)-f(z)\right|.$$

Ω meýdanda *f(z)* funksiýa üznüksiz bolany üçin, r →0 bolanda $\max_{l_r}\left|f(\zeta)-f(z)\right| \to 0.$ deňdir. Ýöne (4) deňlemäniň çep tarapy *r* bagly däl, şonuň üçin

$$\frac{1}{2\pi j}\int_{l}\frac{f(\zeta)d\zeta}{\zeta-z} = f(z).$$

Koşiniň formulasy analitiki funksiýanyň esasy häsiýetleriniň birini gurnaýar. Formuladan görnüşi ýaly *l* konturda *f(z)* analitiki funksiýany bilip, şol kontur bilen çäklenen Ω meýdanyň islendik nokadynda onuň bahasyny kesgitläp bolýar. Eger *z* merkezi nokatly *R* radiusly töwerek görnüşinde *l* kontur berilse , onda $\zeta - z = \mathrm{Re}^{j\varphi}$ we (1) formula indiki görnüşe geler.

$$f(z) = \frac{1}{2\pi}\int_{0}^{2\pi} f(z+\mathrm{Re}^{j\varphi})d\varphi \qquad (5)$$

ýa-da

$$f(z) = \frac{1}{2\pi r}\int_{c_R} f(\zeta)ds.$$

(5) formula orta bahanyň formulasy diýilýär we töweregiň merkezinde f(z) funksiýanyň analitiki bahasy onuň töwerekdäki orta arifmetiki bahasyna deň.

2. Parametrlere bagly integrallar.

Goý, $f(z,\zeta)$ funksiýa *z* we ζ kompleks üýtgeýjileriň funksiýalary bolsun. Bu funksiýa *G* meýdana degişli *z* üýtgeýjiniň bahasy üçin we *l* kese degişlu bolan ζ üýtgeýji üçin kesgitlenen. G meýdanyň we l kesäniň ýerleşişi dürli bolup bilýär. Aşakdaky integrala seredeliň:

$$\int_{l} f(z,\zeta)d\zeta \qquad (6)$$

Eger $f(z,\zeta)$ funksiýa *z* boýunça üznüksiz bolsa hem-de $z \in G$ we $\zeta \in l$ bahalar üçin ζ çäklendirlen bolsa , onda bu integral bar we käbir *z* funksiýany kesgitleýär:

$$F(z)=\int_l f(z,\zeta)d\zeta.$$

Indiki teoremalarda seredilýän parametre bagly bolan integrallaryň häsiýetlerini subutsyz getireris.

Teorema 2. Eger $f(z,\zeta)$ funksiýa $z\in G$ we $\zeta\in l$ islendik bahalar üçin z we ζ kompleks üýtgeýjileriň üznüksiz funksiýalary bolsalar, onda (6) integral G meýdanda z üýtgeýjiniň üznüksiz funksiýasy bolup durýar.

$$\lim_{z\to z_0}\int_l f(z,\zeta)d\zeta=\int_l f(z_0,\zeta)d\zeta \qquad (7)$$

Teorema 3. Goý, $f(z,\zeta)$ G meýdanda $\zeta\in l$ bahada z analitiki funksiýa bolsun. $f(z,\zeta)$ funksiýa we onuň z boýunça önümi $\frac{\partial f}{\partial z}$ $z\in G$ we $\zeta\in l$ islendik bahalar üçin z we ζ kompleks iki üýtgeýjileriň üznüksiz funksiýalary bolup durýar. $F(z)=\int_l f(z,\zeta)d\zeta$ funksiýa G meýdanda z analitiki funksiýa bolup durýar, *F'(z)* önüm antegral asty hasaplama arkaly hasaplanyp bilner.

$$F'(z)=\int_l \frac{\partial f(z,\zeta)}{\partial z}d\zeta. \qquad (8)$$

Getirlen teoremalar (6) integraly hakyky üýtgeýjili funksiýalar we bu integrallaryň häsiýetleriniň ulanylmagynyň parametrlerine bagly bolan integrallara deňlemek arkaly subut edilip bilner.

3. Ýokary tertipli önümler.

Eger *f(z)* funksiýa G meýdanda analitiki funksiýa bolsa onda ol bu meýdanda ýokary tertipli önüme eýedir.

Teorema 4. Eger *f(z)* funksiýa G meýdanda analitiki bolsa we G meýdanda ýapyk bolsa , onda ol G meýdanyň her bir nokadynda ähli tertipli önümlere eýe bolar. *n*-nji önüm hem şu aşakdaky formula bilen berilýär.

$$f^{(n)}(z)=\frac{n!}{2nj}\int_l \frac{f(\zeta)d\zeta}{(\zeta-z)^{n+1}} \qquad (9)$$

bu ýerde *l* – položitel ugurda gidýän G meýdanyň araçägi.

Subudy. Matematiki induksiýa metody arkaly subudyny getireliň.

(9) formula n=1 bolanda hakykydyr. Nokat $z\in G$ bolsun. f(z) funksiýa G meýdanda analitiki we üznüksiz bolany üçin, Koşiniň formulasy we önümiň kesgitlemesinden peýdalanyp alarys

$$f'(z)=\lim_{\Delta z\to 0}\frac{f(z+\Delta z)-f(z)}{\Delta z}=\frac{1}{2\pi j}\lim_{\Delta z\to 0}\frac{1}{\Delta z}\int_l\left[\frac{1}{\zeta-z-\Delta z}-\frac{1}{\zeta-z}\right]f(\zeta)d\zeta=$$

$$=\frac{1}{2\pi j}\lim_{\Delta z\to 0}\int_l\frac{f(\zeta)}{(\zeta-z-\Delta z)(\zeta-z)}d\zeta$$

Integralyň astyndaky $\frac{f(\zeta)}{(\zeta - z - \Delta z)(\zeta - z)}$ funksiýa, eger $z \in G$ we $\zeta \in l$ bolsa Δz we ζ üýtgeýjileriň üznüksiz funksiýasy bolup durýar. Integralyň belgisi bilen predele geçilende

$$f'(z) = \frac{1}{2\pi j}\int_l \frac{f(\zeta)}{(\zeta - z)^2}\,d\zeta.$$

n=1 üçin (9) formula subut edildi. (9) formula k tertipli önüm üçin hakyky diýip hasaplalyň we ol k+1 tertipli önüm üçin hakyky bolar.

$$f^{(k+1)}(z) = \lim_{\Delta z \to 0} \frac{f^{(k)}(z+\Delta z) - f^{(k)}(\Delta z)}{\Delta z} =$$

$$= \frac{k!}{2\pi j}\lim_{\Delta z \to 0}\frac{1}{\Delta z}\int_l \left[\frac{1}{(\zeta - z - \Delta z)^{(k+1)}} - \frac{1}{(\zeta - z)^{(k+1)}}\right] f(\zeta)d\zeta =$$

$$= \frac{k!}{2\pi j}\lim_{\Delta z \to 0}\frac{1}{\Delta z}\int_l \left\{\frac{(\zeta - z)^{k+1} - \left[(\zeta - z)^{k+1} - (k+1)(\zeta - z)^k \Delta z + o(\Delta z)\right]}{(\zeta - z - \Delta z)^{k+1}(\zeta - z)^{k+1}}\right\} f(\zeta)d\zeta.$$

Integral astyndaky funksiýa Δz we ζ üýtgeýjileriň üznüksiz funksiýalary bolup durýar. Integralyň belgisi arkaly predele geçip bolýar.

$$f^{(k+1)}(z) = \frac{(k+1)!}{2\pi j}\int_l \frac{f(\zeta)}{(\zeta - z)^{k+2}}\,d\zeta.$$

n=k üçin (9) formulany hakyky diýip kabul etsek , onda onuň *n=k+1* üçin hakykylygy subut edildi diýsek bolýar. Ýokarda n=1 üçin (9) formula subut edildi. Bu ýerden hem islendik *n* üçin (9) formula hakyky bolýar.

(9) formuladan Koşiniň deňsizligini alýarys. Aşakdaky belgilenmäni girizeliň: M=max |*f(z)*|; R- *z* nokatdan G meýdanyň çägine çenli aralyk, s- G meýdanyň *l* araçäginiň uzynlygy. Modul boýunça (9) deňligiň iki tarapyny hem bahalandyryp, alarys

$$\left|f^{(n)}(z)\right| = \frac{n!}{2n}\left|\int_l \frac{f(\zeta)d\zeta}{(\zeta - z)^{n+1}}\right| \le \frac{n!Ms}{2\pi R^{n+1}}. \qquad (10)$$

(10) formula Koşiniň deňsizligi bolýar.

Eger *f(z)* funksiýa R radiusly meýdanda analitiki bolsa onda R radiuly tömerek hökmünde G meýdany kabul etsek töweregiň merkezinde bolan z nokat üçin alarys

$$\left|f^{(n)}(z)\right| \le \frac{n!M\,2\pi R}{2\pi R^{n+1}} = \frac{n!M}{R^n} \qquad (11)$$

(11) deňsizlik töwerekleýin meýdan üçin Koşiniň deňsizligini häsiýetlendirýär.

4. Moreriň teoremasy.

Analitiki funksiýanyň islendik tertipli önüminiň bardygy baradaky 4-nji teoremany ulanyp Koşiniň esasy teoremasyna ters bolan teoremany subut edeliň.

Teorema 5. Eger baglanşykly G meýdanda *f(z)* funksiýa üznüksiz bolsa we G meýdana degişli bolan islendik ýapyk l kontur boýunça bu funksiýanyň integraly nola deň bolsa onda *f(z)* funksiýa G meýdanda analitikdir.

Subudy. Ýokarda görkezilşi ýaly teoremanyň şerti ýerine ýetende $F(z)=\int_{z_0}^{z} f(\zeta)d\zeta$ integral z funksiýanyň analitiki funksiýasy bolup durýar. Bu ýagdaýda $F'(z)=f(z)$. Öňki teorema degişlilikde funksiýanyň ikinji önümi hem bar: $F(z):F''(z)=f'(z)$. Şeýlelikde *f(z)* funksiýa G meýdanda analitiki.

Funksional hatarlar.
Sanly we funksional hatarlar.

1. Sanly kompleks hatarlar.

Sanly kompleks hatarlar diýlip indikilere aýdylýar:

$$\sum_{n=1}^{\infty} z_n \qquad (1)$$

bu ýerde $z_n=a_n+jb_n$ – kompleks sanlar. $S_n=z_1+...+z_N=\sum_{n=1}^{N} z_n$ jem hataryň bölekleýin jemi diýilip aýdylýar.

Eger (1) bölekleýin jem yzygiderliginiň predeli bar bolsa:

$$\lim_{N\to\infty} S_N = S \qquad (2)$$

Bu ýagdaýda S hataryň jemi bolýar.

z_n kompleks sanlaryň a_n we b_n maddy we hyýaly böleklerinden duran hatara seredeliň:

$$\sum_{n=1}^{\infty} a_n \text{ we } \sum_{n=1}^{\infty} b_n \qquad (3)$$

(1) hatar diňe (3) hatara ýygnanýar eger, diňe $\sum_{n=1}^{\infty} a_n = S_1$, $\sum_{n=1}^{\infty} b_n = S_2$, $S=\sum_{n=1}^{\infty} z_n = S_1 + jS_{2.}$

(1) hataryň ýygnanmagy üçin islendik $\varepsilon>0$ üçin ε bagly bolan bütin položitel N san gerek, ähli n>N we islendik m sna üçin deňsizlik ýerine ýetmeli.

$$\left|\sum_{k=n+1}^{n+m} z_k\right| < \varepsilon$$

hatarlar ýönekeý sanly hatarlar bolup durýar, we bu hatarlaryň ýygnanmagy üçin matematiki analizden sanly hatarlaryň gabat gelmekleriniň alamatlaryny ulanyp bolýar. položitel hatarlaryň gabat gelmekleriniň alamatlarynyň birini mysal edip getireliň. Položitel hatar bolsun

$$\sum_{n=1}^{\infty} a_n (a_n > 0). \qquad (4)$$

(2) hataryň ýygnanmagy üçin şu aşakdaky kriteriýalar dogrudyr:

1. **Dalamberiň nyşany.** B Eger $\lim_{n\to\infty} \frac{a_n + 1}{a_n} = q$ bolsa, onda *q<1* bolanda (4) hatar ýygnanýar. *q >1* bolanda hatar dargaýar.
2. **Koşiniň nyşany.** Eger $\lim_{n\to\infty} \sqrt[n]{a_n} = q$ bolsa, onda *q<1* bolanda (4) hatar ýygnanýar, *q>1* bolanda hatar dargaýar.
3. **Raabeniň nyşany.** Eger $\lim_{n\to\infty} n\left(\frac{a_n}{a_n + 1} - 1\right) = p$ bolsa, onda p>1 bolanda (4) hatar ýygnanýar, p<1 bolanda hatar dargaýar.

Eger z_n moduldan düzülen hatar ýygnansa onda

$$\sum_{n=1}^{\infty} |z_n| < \infty, \qquad (5)$$

(1) hatar absolýut ýagnanýan hatar bolýar.

(3) hataryň ýygnanýandygyny barlamak üçin ýokarda görkezilen sanly hatarlaryň ýygnanma nyşanlaryndan ulanyp geçirip bolýar. Hataryň ýygnanmagy bilen absolýut ýygnanmagynyň arasyndaky arabaglanşygy aşakdaky teorema gurnaýar.

Teorema.1. Eger (1) hatar absolýut ýygnansa onda ol ýygnanýar.

Subudy. Koşiniň kriteriýasyna laýyklykda (5) hataryň ýygnanmagyndan, islendik $\varepsilon > 0$ we bütin položitel *m* san üçin bütin položitel M san bar, n>N üçin onuň jemi $\sum_{k=n+1}^{n+m} |z_k| < \varepsilon.$ deň. Ýöne $\left|\sum_{k=n+1}^{n+m} z_k\right| \le \sum_{k=n+1}^{n+m} |z_k| < \varepsilon,$ şonuň üçin Koşiniň kriteriýasyna laýyklykda (1) hatar ýygnanýar.

2. Funksional hatarlar.

G meýdanda $\{f_n(z)\}$ funksialaryň tükeniksiz yzygiderligi kesgitlenen bolsun. Funksional hatar diýlip aşakdaka aýdylýar:

$$\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z). \qquad (6)$$

(3) funksional hatar G meýdanda ýygnanýar, eger islendik fiksirlenen z-de (6) hatardan emele gelen sanly hatar gabat gelse.

$\{f_n(z)\}$ funksialaryň yzygiderliginiň deň derejeli ýygnanmagy diýen düşünjäni girizeliň. $\{f_n(z)\}$ funksialaryň yzygiderligine G meýdanda *f(z)* funksialaryň deň derejeli ýygnanmagyna aýdylýar. Onuň üçin G meýdanda $|f(z)-f_n(z)|<\varepsilon$ deňsizlik ýerine ýetmeli. $\{f_n(z)\}$ funksialaryň yzygiderliginiň deň derejeli ýygnanmagynyň z kompleks üýtgeýjisiniň häsiýetleri funksialaryň yzygiderliginiň gabat gelmeginiň häsiýetleri bilen gabat gelýär. Bu häsiýetleri görkezeliň:

G meýdanda deň derejeli ýygnanýan f(z) predel $\{f_n(z)\}$ funksiýalaryň üznüksiz yzygiderligi bu meýdanda üznüksiz funksiýa bolup durýar.

Eger $\{f_n(z)\}$ üznäksiz funksiýalaryň yzygiderligi *l* egride *f(z)* ýygnanýan bolsa onda aşakdaky predel gatnaşyk dogry bolýar:

$$\lim_{n\to\infty}\int_l f_n(z)dz=\int_l \lim_{n\to\infty} f_n(z)dz=\int_l f(z)dz.$$

$\{f_n(z)\}$ funksiýanňy yzygiderliginiň deň derejeli ýygnanmagy diýen düşünje hataryň deň derejeli ýygnanmagy diýen düşünje bilen baglanşykly. $\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z)$ funksional hatar G meýdanda deň derejeli ýygnanýan hatar diýilýär. Ýokarda görkezilen häsiýetlere laýyklykda deň derejeli ýygnanýan hataryň jemi G meýdanda üznüksiz funksiýa bolup durýar. Kompleks üýtgeýji funksiýa üçin indiki alamat dogrudyr:

4.Weýerştraassyň nyşany.

Eger (6) funksional hatar $\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z).$ G meýdanda $\sum_{n=1}^{\infty} a_n$ san hatarynyň $a_n>0$ položitel agzalary bilen mažorirlenýän bolsa , onda G meýdanda $|f_n(z)|<a_n$ deňsizlik dogrudyr.

Weýerştrassyň teoremasy. Analitiki funksiýadan düzülen hataryň jemi hemişe analitiki funksiýa bolmaýar. Indiki teorema haýsy şertlerde hataryň jemi analitiki funksiýa bolýandygyny görkezýär.

Teorema.2. *f(z)* funksiýadan düzülen $\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z).$ hatar G meýdanda analitiki bolsun, her bir Ω meýdanda deň derejeli ýygnanýar. Bu ýagdaýda hataryň jemi G meýdanda analitiki funksiýa bolup durýar.

Subudy. f(z)= $\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z).$ G meýdanda ýygnanýan hataryň funksiýasy bolýandygy görkezildi. *l*-ýapyk kontur öz içinde Ω meýdany saklaýar. Teoremanyň şertine laýyklykda $f_n(z)$ G meýdanda analitiki funksiýa bolup durýar. Koşiniň teoremasyna laýyklykda $\int_l f_n(z)dz=0$ alarys. Koşiniň formulasyny göz öňünde tutup $\sum_{n=1}^{\infty} f_n(z).$ hataryň her bir agzalaryny ignorirleýäris.

$$\int_l f(z)dz = \sum_{n=1}^{\infty} \int_l f_n(z)dz = 0$$

Şeýlelikde *f(z)* – G meýdanda üznüksiz funksiýa we integral islendik ýapyk kontur boýunça nola deň. Teorema 5 laýyklykda f(z) funksiýa bu ýagdaýda G meýdanda analitiki funksiýa bolup durýar.

Koşi – Rimanyň şerti.

$z=z_0$ nokatda $f(z)=u+jv$ funksiýanyň önüminiň bar bolmagynyň zerur we ýetrlik şertini bereliň, şeýle hem $f(z)$ funksiýanyň analitik şertini bereliň.

Teorema 1.

$f(z)=u+jv$ funksiýanyň z_0 nokadyň käbir ýaýlasynda kesgitlenen bolup,bu nokatda önümiň bolmagy zerur hem ýeterlik bolar ýaly:

1) $u(x,y)$ we $v(x,y)$ funksiýalar x we y boýunça $z=z_0$ nokatda differensirlenýän bolmaly;

2) $z=z_0$ nokatda Koşi – Rimanyň şerti ýerine ýetmeli:

$$\frac{du}{dx} = \frac{dv}{dy} \text{ we } \frac{du}{dy} = -\frac{dv}{dx} \qquad (2)$$

Subutnama. Ilki bilen Koşi – Rimanyň şertiniň zerurlygyny subut edeliň.Goý, $f(z)$ funksiýa $z=z_0$ nokatda önümi bar bolsun, şeýle hem predel bar bolsun,

$$f'(z_0) = \lim_{\Delta z \to 0} \frac{f(z_0 + \Delta z) - f(z_0)}{\Delta z}. \qquad (3)$$

Bu predel Δz-ň nola ymtylmak usulyna bagly däldir. Goý $\Delta z=\Delta x$ bolsun, onda

$$f'(z_0) = \lim_{\Delta x \to 0} \frac{[u(x_0 + \Delta x, y_0) + jv(x_0 + \Delta x, y_0)] - [(u(x_0, y_0) + jv(x_0, y_0)]}{\Delta x} =$$

$$= \lim_{\Delta x} \frac{[u(x_0 + \Delta x, y_0) - u(x_0, y_0)] + j[v(x_0 + \Delta x, y_0) - v(x_0, y_0)]}{j\Delta y} =$$

$$= \frac{du}{dx} + j\frac{dv}{dx}. \qquad (4)$$

Goý,indi $\Delta z=j\Delta y$ bolsun,onda

$$f'(z_0) = \lim_{\Delta y \to 0} \frac{[u(x_0, y_0 + \Delta y) + jv(x_0, y_0 + \Delta y)] - [u(x_0, y_0) + jv(x_0, y_0)]}{j\Delta y} =$$

$$= \lim_{\Delta y \to 0} \frac{[u(x_0, y_0 + \Delta y) - u\, x_0, y_0)] + j[v(x_0, y_0 + \Delta y) - v(x_0, y_0)]}{j\Delta y} =$$

$$= \frac{1}{j}\left(\frac{du}{dy} + j\frac{dv}{dy}\right) = \frac{dv}{dy} - j\frac{du}{dy}. \qquad (5)$$

Şeýle hem (3)-nji predel Δz-ň nola ymtylma şertine bagly däldir,onda hakyky we hyýaly böleklerini (4) we (5)-de deňläp alarys:

$$\frac{du}{dx}=\frac{dv}{dy} \text{ we } \frac{dv}{dx}=-\frac{du}{dy}.$$

Teoremanyň zerurlyk şerti subut edildi.

Indi Koşi – Rimanyň ýeterlik şertini subut edeliň.

Goý,$u(x,y)$ we $v(x,y)$ funksiýalar x we y boýunça differensirlenýän bolsun we Koşi – Rimanyň şertini kanagatlandyrýan bolsun.Bu ýagdaýda $f'(z)$ önüm z=z_0 nokatda bar.

$u(x,y)$ we $v(x,y)$ funksiýalaryň differensirlenmeginden alarys:

$$\Delta w=\Delta u+j\Delta v=\frac{du}{dx}\Delta x+\frac{du}{dy}\Delta y+j\left(\frac{dv}{dx}\Delta x+\frac{dv}{dy}\Delta y\right)+o(\Delta z),$$

bu ýerde $o(\Delta z)$ – tükeniksiz kiçi bolup Δz-e seredeniňde ýokary tertipli kiçidir.

$\frac{\Delta w}{\Delta z}$ gatnaşyga seredeliň:

$$\frac{\Delta w}{\Delta z}=\frac{\frac{du}{dx}\Delta x+\frac{du}{dy}\Delta y+j\left(\frac{dv}{dx}\Delta x+\frac{dv}{dy}\Delta y\right)}{\Delta x+j\Delta y}+\frac{o(\Delta z)}{\Delta z}.$$

Koşi – Riman şerti boýunça alarys:

$$\frac{\Delta w}{\Delta z}=\frac{\frac{du}{dx}\Delta x-\frac{dv}{dx}\Delta y+j\left(\frac{dv}{dx}\Delta x+\frac{du}{dx}\Delta y\right)}{\Delta x+j\Delta y}+\frac{o(\Delta z)}{\Delta z}=$$
$$=\frac{\frac{du}{dx}(\Delta x+j\Delta y)+j\frac{dv}{dx}(\Delta x+j\Delta y)}{\Delta x+j\Delta y}+\frac{o(\Delta z)}{\Delta z}.$$

Indi $\Delta z\to 0$ predele geçeliň:

$$\lim_{\Delta z\to 0}\frac{\Delta w}{\Delta z}=\frac{du}{dx}+j\frac{dv}{dx}=w'(z_0),$$

bu predel bardyr we $\Delta z\to 0$ usulyna bagly däldir.Şeýlelik bilen Koşi – Riman şertiniň ýeterlik şerti ýerine ýetýär.

Koşi – Riman şertini ulanyp alarys:

$$f'(z)=\frac{du}{dx}+j\frac{dv}{dx}=\frac{du}{dx}-j\frac{du}{dy}=\frac{dv}{dy}-j\frac{du}{dy}=\frac{dv}{dy}+j\frac{dv}{dx}. \quad (6)$$

Subutsyz Koşi – Riman şertini f (z) funksiýa üçin getireliň, eger z-trigonometrik formada berilen bolsa.

Goý,

$$f(z) = f[r(cos\varphi + jsin\varphi)] = u(r,\varphi) + jv(r,\varphi).$$

z_0=r_0 (cosφ_0+$j$sinφ_0) nokatda önümiň bar bolmagy üçin aşakdaky şertiň ýerine ýetmegi zerur we ýeterlikdir:

1) u (r,φ) we v (r,φ) funksiýalar r we φ boýunça differensirlenýän bolmaly;
2) z_0 nokatda Koşi – Rimanyň şerti aşakdaky görnüşde ýerine ýetmeli;

$$\frac{du}{dr} = \frac{1}{r}\frac{dv}{d\varphi}; \frac{dv}{dr} = -\frac{1}{r}\frac{du}{d\varphi}. \qquad (7)$$

1-nji mysal.

Funksiýanyň analitikligini kesgitläliň:

$$f(z) = z^2 = x^2 - y^2 + j2xy.$$

bu funksiýa hakyky we hyýaly bölegi: $u(x,y)=x^2-y^2$, $v(x,y)=2xy$ bolsun.u we v funksiýalar x we y boýunça differensirlenýän bolsun,olaryň hususy önümleri:

$$\frac{du}{dx} = 2x, \frac{dv}{dy} = 2x, \frac{du}{dy} = -2y, \frac{dv}{dx} = 2y.$$

Şeýlelikde,Koşi – Rimanyň şerti z-kompleks tekizliginiň ähli nokatlary üçin ýerine ýetmeli.Şeýlelikde,f (z)=z^2 funksiýa kompleks tekizliginiň ähli ýerinde analitikdir.

2-nji mysal.

f (z)=|z|=r funksiýanyň analitikligini kesgitlemeli.

Bu funksiýa üçin $u(r,\varphi)=r$, $v(r,\varphi)=0$ üçin $\frac{du}{dr} = 1, \frac{dv}{d\varphi} = 0$ hususy önümleri hasaplalyň.(7)-Koşi – Rimanyň şerti ýerine ýetmeýär,onda f (z)=|z| analitik däldir.

I I   B A P

1. San matritsalary we olaryň üstündäki amallar.

1.esasy düşünjeler we kesgitlemeler.

m-sany setirden we *n*-sany sütünden ybarat bolan tablisa gönüburçly gönüburçly matritsa diýip aýdylýar. Matritsalar, umuman baş latyn harplary bilen belgilenýär. Mysal üçin, *A, B, C* we ş.m. harplar bilen belgilenýär.

$$A = \begin{vmatrix} a_{11}a_{12}...a_{1n} \\ a_{21}a_{22}...a_{2n} \\ .... \\ a_{m1}a_{m2}...a_{mn} \end{vmatrix} = [a_{ij}] \quad (1)$$

Bu tablisada indeksleriň 1-njisi setiriň nomerini görkeňýär; indeksleriň 2-njisi bolsa, şol elementiňýerleşýän sütünininiň nomerini görkeňýär. Mysal üçin, a_{ij}-element, tablisanyň i-nji setiriniň j-nji sütüninde ýerleşýändir. Matritsanyň $a_{ij}(i = \overline{1,m}, j = \overline{,1n})$–elementleri hakyky ýa-da kompleks sanlar sanlar bolup bilerler.

Eger, matritsada *m=n* bolsa, ýagny, matritsanyň setirleriniň sany bilen sütünleriniň sany deň bolsa, onda bu matritsa kwadrat matritsa diýilip aýdylýar. Bu matritsa aşakdaky görnüşde berilýär.

$$B = \begin{vmatrix} b_{11}b_{12}...b_{1n} \\ b_{21}b_{22}...b_{2n} \\ .... \\ b_{n1}b_{n2}...b_{nn} \end{vmatrix} = [b_{ij}] \quad (2)$$

Eger, ölçegleri deň bolan 2-sany *A* we *B* - matritsalarda *A*-matritsanyň degişli elementi *B*-matritsanyň degişli elementine deň bolsa, onda bu matritsalara özara deň matritsalar diýlip aýdylýar. Ýagny, eger, *A=[a_{ij}], B=[b_{ij}]*-matritsalar üçin,

$$a_{ij} = b_{ij}, (i = \overline{,m}; j = 1, \overline{n})$$

bolsa, oňa

$$A = B$$

bolar.

Eger, $A-[a_{ij}]$- matritsanyň setirleriniň orny bilen, degişlilikde sütünleriniň ornuny çalyşsak, ýagny, $[a_{ij}]$ bolsa, onda alnan $A^T-[a_{ij}]$ matritsa $A-[a_{ij}]$ matritsanyň transponirlenen matritsasy diýlip aýdylýar.
Kesgitlemeden görnüşi ýaly, (1)-matritsanyň transponirlenen matritsasy.

$$A^T = \begin{vmatrix} a_{11}a_{21}...a_{m1} \\ a_{12}a_{22}...a_{m2} \\ .... \\ a_{1n}a_{2n}...a_{mn} \end{vmatrix} = [a_{ij}] \quad (3)$$

görnüşe eýe bolar.

(3)-nji matritsadan görnüşi ýaly, A^T-matritsanyň ölçegi *(n*m)*-e deňdir.

Matritsalaryň üstündäki algebraik operasiýalara seredip geçeliň.

<u>1⁰</u>. Goý ölçegleri deň bolan $A-[a_{ij}]$we $B-[a_{ij}]$ $(i=\overline{,m}; j=1,\overline{n})$ - matritsalar berlen bolsun. Onda bu matritsalaryň jemi, ýa-da tapawudy:

$$C = A \pm B = \begin{vmatrix} a_{11}a_{12}...a_{1n} \\ a_{21}a_{22}...a_{2n} \\ .... \\ a_{m1}a_{m2}...a_{mn} \end{vmatrix} \pm \begin{vmatrix} b_{11}b_{12}...b_{1n} \\ b_{21}b_{22}...b_{2n} \\ .... \\ b_{m1}b_{m2}..._{mn} \end{vmatrix} = \begin{vmatrix} a_{11} \pm b_{11}a_{12} \pm b_{12}...a_{1n} \pm b_{1n} \\ a_{21} \pm b_{21}a_{22} \pm b_{22}...a_{2n} \pm b_{2n} \\ .... \\ a_{m1} \pm b_{m1}a_{m2} \pm b_{m2}...a_{mn} \pm b_{mn} \end{vmatrix} = [a_{ij} \pm b_{ij}] \quad (4)$$

<u>2⁰</u>. *A=[a_{ij}]*-matritsany λ-sana köpeltmek üçin, onuň her bir elementini köpeltmelidir. Ýagny:

$$C = \lambda * A = \begin{vmatrix} \lambda a_{11}\lambda a_{12}...\lambda a_{1n} \\ \lambda a_{21}\lambda a_{22}...\lambda a_{2n} \\ .... \\ \lambda a_{m1}\lambda a_{m2}...\lambda a_{mn} \end{vmatrix} = [\lambda a_{ij}] \quad (5)$$

(4)-we (5)-nji formulalardan görşümiz ýaly, matritsany hemişelik sana köpeldenimizde matritsalary biri-biriniň üstüne goşanymyzdaýa-da aýyranymyzda, alnan C-matritsanyň ölçegi üýtgemeýär, ýagny şol *(m*n)*-ölçegliligine galýar.

3^0. Iki sany matritsany biri-birine köpeltmek üçin, köpeldilýän matritsalaryň 1-njisiniň sütünleriniň sany bilen köpeldilýän matritsalaryň 2-njisiniň setirleriniň sany deň bolmaly.

Ýagny, eger $A=[a_{ij}],(i=\overline{1,m_1};\ j=\overline{1,n_1})$ we $B=[b_{ij}],(i=\overline{1,m_2};\ j=\overline{1,n_2})$ matritsalar berlen bolsa, onda bu matritsalary biri-birine köpeltmek üçin

$$n_1=m_2=n$$

bolmaklygy hökmanydyr.

($n_1 \neq m_2$ -bolan ýagdaýynda bu matritsalary biri-birine köpeldip bolmaýar).

Onda:

$$C=A*B\begin{pmatrix} a_{11}a_{12}...a_{1n} \\ a_{21}a_{22}...a_{2n} \\ .... \\ a_{m_1 1}a_{m_1 2}...a_{m_1 n}\end{pmatrix}\begin{pmatrix} b_{11}b_{12}...b_{1n_2} \\ b_{21}b_{22}...b_{2n_2} \\ .... \\ b_{n1}b_{n2}...a_{nn_2}\end{pmatrix}=\begin{pmatrix} \sum_{k=1}^{n}a_{1k}b_{k1}\sum_{k=1}^{n}a_{1k}b_{k2}...\sum_{k=1}^{n}a_{1k}b_{kn_2} \\ \sum_{k=1}^{n}a_{2k}b_{k1}\sum_{k=1}^{n}a_{2k}b_{k2}...\sum_{k=1}^{n}a_{2k}b_{kn_2} \\ .... \\ \sum_{k=1}^{n}a_{m_1}b_{k1}\sum_{k=1}^{n}a_{m_1 k}b_{k2}...\sum^{n}a_{m_1 k}b_{kn_2}\end{pmatrix} \quad (6)$$

(6)-njy formuladan görnüşi ýaly, $C=[c_{ij}],(i=\overline{1,m_1};\ j=\overline{1,n}\ )$ matritsanyň c_{ij}-elementleri aşakdaky gatnaşyk boýunça kesgitlenýär:

$$C_{ij}=\sum_{k=1}^{n}a_{ik}b_{kj},(i=\overline{1,m_1};\ j=\overline{1,n_2}) \quad (7)$$

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netijä gelip bolýar.

(m_1/n)-ölçegli A-matritsany (n*n_2)-ölçegli B-matritsa köpeldenimizde, alnan *C*-matritsanyň ölçegi *(m_1*n_2)*-deňdir.

Umumylygy berkitmek üçin aşakdaky bir mysala seredip geçeliň.

Mysal 1.

Goý aşakdaky:

$$A=\begin{pmatrix} 2 & 3 \\ 5 & 1\end{pmatrix} \text{ we } B=\begin{pmatrix} 1 & 2 & 1 \\ 3 & 4 & 2\end{pmatrix}$$

Matritsalar berlen bolsun.

Bu matritsalary *C=A*B*-köpeltmek hasylyny tapmak talap edilýän bolsun. Onda (6)-njy formula esasynda:

$$C=\begin{pmatrix}2&3\\5&1\end{pmatrix}\begin{pmatrix}1&2&1\\3&4&2\end{pmatrix}=\begin{pmatrix}2\cdot1+3\cdot3&2\cdot2+3\cdot4&2\cdot1+3\cdot2\\5\cdot1+1\cdot3&5\cdot2+1\cdot4&5\cdot1+1\cdot2\end{pmatrix}=$$
$$=\begin{pmatrix}2+9&4+12&2+6\\5+3&10+4&5+2\end{pmatrix}=\begin{pmatrix}11&16&8\\8&14&7\end{pmatrix}$$

Şeýlelikde:

$$C=\begin{pmatrix}11&16&8\\8&14&7\end{pmatrix}$$

Käbir halatlarda matritsalaryň köpeltmek hasylyndan alnan matritsanyň transponirlenen matritsasyny tapmak talap edilýär.

Aşakdaky deňligiň dogrudygyny subut edip görkezeliň:

$$(A\cdot B)^T=B^T\cdot A^T \quad (8)$$

Goý, $A\ -[a_{ij}]\quad B\ -[a_{ij}]$bolsun. Onda (7)-nji formula esasynda:

$$A\cdot B=\left[\sum_{k=1}^{n}a_{ik}\cdot b_{kj}\right]$$

Bolar. Onda (3)-formula esasynda:

$$(A\cdot B)^T=\left[\sum_{k=1}^{n}a_{jk}\cdot b_{ki}\right] \quad (*)$$

A we B-matritsalaryň transponirlenen matritsasy:

$$B^T=[b_{ji}] \text{ we } A^T=[a_{ji}]\text{-bolar.}$$

Bu transponirlenen matritsalar üçin (7)-nji formulany ulanarys:

$$B^T\cdot A^T=\sum_{k=}^{n}b_{ki}\cdot a_{ik} \quad (**)$$

Görşümiz ýaly, *(*)* we *(**)*-formulalaryň sag taraplary deňdir. Şonuň üçin hem:

$$(A\ \cdot B)^T=B^T\cdot A^T$$

1. Matritsalaryň häsiýetleri.

Matritsalaryň käbir häsiýetlerine seredip geçeliň:

1⁰. Matritsalary goşmak operasiýasy kommutatiw häsiýete eýedir:

$$A \cdot B = B \cdot A \qquad (9)$$

2⁰. Matritsalary goşmak operasiýasy assosiatiw häsiýete eýedir:

$$A+(B \cdot C) = (A \cdot B)+C \qquad (10)$$

Şu ýokardaky seredilip geçilen matritsalaryň 1-nji we 2-nji häsiýetlerinden şeýle netijä gelip bolar:

Eger birinji n-sany matritsa berlen bolsa, onda bu matritsalary islendik tertipde, ýagny tertibini üýtgedip, ýaýyň ornuny üýtgedip goşup bolýar.

3⁰. $A=[a_{ij}]$-matritsa üçin şeýle bir ýeketäk X-matritsa bar bolsun:

$$A+X=A \qquad (11)$$

Gatnaşyk ýerine ýetýändir.

Bu matritsa **nol matritsa** diýilip aýdylýar we onuň ähli elementleri nola deňdir.

$$X=0=\begin{pmatrix} 0 & 0... & 0 \\ 0 & 0... & 0 \\ \multicolumn{3}{c}{\dots\dots\dots\dots} \\ 0 & 0... & 0 \end{pmatrix} \qquad (12)$$

4⁰. Käbir A-matritsa üçin, şeýle bir ýeketäk Y-matritsa bar bolsun:

$$A+Y=0 \quad (13)$$

Gatnaşyk ýerine ýetýändir.

Bu Y-matritsanyň her bir elementi A-matritsanyň ters alamatly elementine deňdir. Ýagny:

$Y=\lfloor -a_{ij} \rfloor$-bolar.

Kesgitlemeden:

$$+Y = \begin{pmatrix} a_{11}a_{12}...a_{1n} \\ a_{21}a_{22}...a_{2n} \\ .... \\ a_{m1}a_{m2}...a_{mn} \end{pmatrix} + \begin{pmatrix} -a_{11}-a_{12}...-a_{1n} \\ -a_{21}-a_{22}...-a_{2n} \\ .... \\ -a_{m1}-a_{m2}...-a_{mn} \end{pmatrix} = [a_{ij}] + [-a_{ij}] = 0$$

Bu ýagdaýda *Y*-matritsa *A* bilen bilelikde we *A*-matritsanyň ters matritsa diýilip aýdylýar.
Görşümiz ýaly:

$$-A = \begin{pmatrix} -a_{11}-a_{12}...-a_{1n} \\ -a_{21}-a_{22}...-a_{2n} \\ .... \\ -a_{m1}-a_{m2}...-a_{mn} \end{pmatrix} = [-a_{ij}] \quad (14)$$

Ölçegleri deň bolan 2-sany *A* we *B* – matritsalaryň tapawudy: *A-B*-diýip:
B+C=A gatnaşygy kanagatlandyrýan *C-[c_{ij}]*-matritsa aýdylýar. Iki matritsanyň tapawudy *A* we *(-B)*-matritsalaryň jemine deňdir. Ýagny:

$$C = A + (-B)$$

Hakykatdanda:

$$B + [A + (-B)] = B + [(-B) + A] = [B + (-B)] + A = 0 + A = A$$

Şeýlelikde:

$$B + C = A$$

Bu bolsa talap edilýän gatnaşykdyr.

5^0. *a* we *b* hemişelik sanlar hem-de *A*-matritsa üçin, aşakdaky gatnaşyk adalatladyr:

$$a(b \cdot A) = (a \cdot b) \cdot A = b(a \cdot A) \quad (15)$$

6⁰. Ölçegleri deň bolan *A* we *B* matritsalar hem-de a-hemişelik san üçin aşakdaky gatnaşyk adalatlydyr:

$$a(A+B) = a\cdot A + a\cdot B \quad (16)$$

7⁰. *a* we *b* – hemişelik sanlar hem-de *A*-matritsa üçin aşakdaky gatnaşyk adalatlydyr:

$$(a+b) = a\cdot A + b\cdot A \quad (17)$$

8⁰. islendik matritsany 1-e köpeltmek ol ýene-de şol öňki matritsany berýär. Ýagny:

$$1\cdot A = A \quad (18)$$

9⁰. (m_1*n) – ölçegli *A*-matritsa we $(n*n_2)$-ölçegli *B*-matritsa hem-de *a*-hemişelik san üçin aşakdaky gatnaşyk adalatlydyr:

$$a\cdot(A\cdot B) = (a\cdot A)\cdot B \quad (19)$$

10⁰. Matritsalary köpeltmek operasiýasy assosiatiw häsiýete eýedir (matritsalary köpeldeniňde ýaýyň ornuny erkin üýtgedip bolýar). Ýagny:

$$A(BC) = (AB)C \qquad (20)$$

(bu häsiýeti ýerine-ýetirmek üçin *A*-matritsanyň ölçegi: m_1*n_1; *B*-matritsanyň ölçegi n_2*n_3-e deň bolmalydyr).

11⁰. n^*n-ölçegli islendik kwadrat matritsalar üçin ýeketäk *E*-matritsa bar bolsun, ol aşakdaky gatnaşygy kanagatlandyrýandyr:

$$AE = EA \quad (21)$$

Bu ýokardaky (21)-nji deňligi kanagatlandyrýan E- matritsanyň baş diagonalynda ýerleşýän elementleriň ählisi 1-e deň bolup, galan ähli elementleri nola deňdir. Ýagny:

$$E = \begin{pmatrix} 1 & 0 & 0... & 0 & 0 \\ 0 & 1 & 0... & 0 & 0 \\ \multicolumn{5}{c}{..........................} \\ 0 & 0 & 0... & 0 & 1 \end{pmatrix} \quad (22)$$

(22)-gatnaşyk boýunça berlen E-matritsa **birlik matritsa** diýilip aýdylýar.

E-birlik matritsanyň skalýar matritsasy diýip, onuň esasy baş diagonalynda ýerleşýän elementleriň ählisi birmeňzeş elemente deň bolup, galan ähli elementleri nola deň bolan matritsa aýdylýar. Ýagny, aşakdaky görnüşde berlen matritsa E-birlik matritsanyň skalýar matritsasy diýilip aýdylýar:

$$\begin{pmatrix} \alpha & 0 & 0... & 0 & 0 \\ 0 & \alpha & 0... & 0 & 0 \\ \multicolumn{5}{c}{\dots\dots\dots\dots\dots\dots} \\ 0 & 0 & 0... & 0 & \alpha \end{pmatrix} = \alpha \cdot E \quad (23)$$

12^0. Matritsalary köpeltmek operasiýasy: matritsalary goşmak operasiýasyna görä distributiwlik häsiýetine eýedir. Ýagny:

$$(A+B)\cdot C = AC + BC \quad (24)$$

$$C(A+B) = CA + CB \quad (25)$$

Matritsalaryň häsiýetiniň 4^0-njisinden peýdalanyp, köpeltmek operasiýasy matritsalaryň aýyrmak operasiýasyna görä hem distributiwlik häsiýetini saklaýandyr. Ýagny:

$$(A-B)C = AC - BC \quad (26)$$

$$C(A-B) = cA - cB \quad (27)$$

13^0. (m_1*n_1)-ölçegli A-matritsa we (n_1*n_2) – ölçegli B-matritsa hem-de λ-hemişelik san üçin, aşakdaky gatnaşyk ýerine-ýetýändir:

$$\alpha(AB) = (\alpha A)B = A(\alpha B) \quad (28)$$

Şy ýokardaky aýdylanlardan şeýle bir sorag ýüze çykýar, “ýagny matritsalary köpeltmekoperasiýasy kommutatiw häsiýete mahsusmy?” diýen soragpeýda bolýar. Ýok ol kommutatiw häsiýete eýe däldir.

Hakykatdan-da, goý, aşakdaky matritsalar berlen bolsun:

$$A = \begin{pmatrix} 1 & 2 \\ 3 & 4 \end{pmatrix}, \; B = \begin{pmatrix} 2 & 1 \\ 3 & 2 \end{pmatrix}$$

Onda

$$A*B=\begin{pmatrix}1\cdot 2+2\cdot 3 & 1\cdot 1+2\cdot 2\\ 3\cdot 2+4\cdot 3 & 3\cdot 1+4\cdot 2\end{pmatrix}=\begin{pmatrix}8 & 5\\ 18 & 11\end{pmatrix}$$

$$B*A=\begin{pmatrix}2\cdot 1+1\cdot 3 & 2\cdot 2+1\cdot 4\\ 3\cdot 1+2\cdot 3 & 3\cdot 2+2\cdot 4\end{pmatrix}=\begin{pmatrix}5 & 8\\ 9 & 14\end{pmatrix}$$

Görşümiz ýaly:

$$A*B \neq B*A$$

Goý, aşakdaky *n*1*-ölçegli *X*-matritsa berlen bolsun:

$$X=\begin{pmatrix}x_1\\ x_2\\ .\\ .\\ .\\ x_n\end{pmatrix} \quad (29)$$

Onda bu *X*-matritsanyň transponirlenen X^T=-matritsasynyň ölçegi *(1*n)*-e deň bolar we ol aşakdaky görnüşe eýe bolar:

$$X^T=(x_1 x_2 \ldots x_n) \quad (30)$$

Şeýlelikde, bir sütünli matritsany transponirläp bir setirli matritsany alarys. Bu görnüşdäki matritsalara **arifmetiki wektor** diýilip aýdylýar.

3. n-nji tertipli kesgitleýjiler.

(n*n)-ölçegli kwadrat matritsa seredeliň:

$$A=\begin{pmatrix}a_{11} & a_{12}\ldots & a_{1n}\\ a_{21} & a_{22}\ldots & a_{2n}\\ \ldots\ldots & \ldots\ldots\ldots & \ldots\ldots\\ a_{n1}\, a_{n2}\ldots\ldots & & a_{nn}\end{pmatrix} \quad (1)$$

Görşümiz ýaly, bu matritsa n^2-sany elementlerden ybaratdyr.

Kesgitleýji üçin aşakdaky belgileýji girizeliň:

$$\det A = \det\begin{pmatrix} a_{11} & a_{12}\dots & a_{1n} \\ a_{21} & a_{22}\dots & a_{2n} \\ \dots\dots & \dots\dots\dots & \dots\dots \\ a_{n1}\, a_{n2}\dots\dots & & a_{nn} \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} a_{11} & a_{12}\dots & a_{1n} \\ a_{21} & a_{22}\dots & a_{2n} \\ \dots\dots & \dots\dots\dots & \dots\dots \\ a_{n1}\, a_{n2}\dots\dots & & a_{nn} \end{pmatrix} \quad (2)$$

Onda kesgitleýji aşakdaky formula boýunça tapylýar:

$$\begin{pmatrix} a_{11} & a_{12}\dots & a_{1n} \\ a_{21} & a_{22}\dots & a_{2n} \\ \dots\dots & \dots\dots\dots & \dots\dots \\ a_{n1}\, a_{n2}\dots\dots & & a_{nn} \end{pmatrix} = \sum_{\substack{i_1 i_2 \dots i_n \\ j_1 j_2 \dots j_n}} (-1)^{s+t} a_{i_1 j_1} a_{i_2 j_2} \dots a_{i_n j_n} \quad (3)$$

Bu ýerde: S-san $i_1, i_2,\dots, i_n$-indeksleriňkiden düzülip orun üýtgetmeleriň inwersiýalaryň sany, t-bolsa $j_1, j_2,\dots,j_n$-indeksleriň üstünde geçirilen inwersiýalaryň sany. Ýagny:

$$S = [i_1, i_2, \dots, i_n],$$
$$t = [j_1, j_2, \dots j_n]$$

Käbir mysallara seredip geçeliň:

<u>Mysal№1</u>

Aşakdaky 2-nji tertipli kesgitleýjini hasaplalyň:

$$\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} \\ a_{21} & a_{22} \end{vmatrix} = (-1)^{0+0} a_{11}a_{22} + (-1)^{0+1} a_{12}a_{21} = a_{11}\cdot a_{22} - a_{12}\cdot a_{21} \quad (4)$$

<u>Mysal№2.</u>

Aşakdaky 3-nji tertipli kesgitleýjini hasaplalyň:

$$\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} & a_{13} \\ a_{21} & a_{22} & a_{23} \\ a_{31} & a_{32} & a_{33} \end{vmatrix} = (-1)^{0+0} a_{11}a_{22}a_{33} + (-1)^{0+2} a_{12}a_{23}a_{31} + (-1)^{2+0} a_{21}a_{32}a_{13} +$$

$$+(-1)^{0+3} a_{13}a_{22}a_{31} + (-1)_{0+1} a_{12}a_{21}a_{33} + (-1)^{2+3} a_{23}a_{32}a_{11} = a_{11}a_{22}a_{33} + a_{12}a_{23}a_{31} + a_{21}a_{32}a_{13} - a_{13}a_{22}a_{31} -$$

$$a_{12}a_{21}a_{33} - a_{23}a_{33} - a_{23}a_{32}a_{11}$$

Diýmek:

$$\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} & a_{13} \\ a_{21} & a_{22} & a_{23} \\ a_{31} & a_{32} & a_{33} \end{vmatrix} = a_{11}a_{22}a_{33} + a_{12}a_{23}a_{31} + a_{21}a_{32}a_{13} - a_{31}a_{22}a_{31} - a_{12}a_{21}a_{33} - a_{23}a_{32}a_{11} \quad (5)$$

4. Kesgitleýjileriň häsiýetleri

1⁰. Eger, kwadrat matritsanyň setirleri bilen sütünleriniň ornuny çalyşsak, onda bu matritsalaryň kesgitleýjileri deňdirler. Ýagny, başga sözler bilen aýdanymyzda, kwadrat matritsanyň kesgitleýjisi bilen, oňa degişli bolan transponirlenen matritsanyň kesgitleýjisi deňdir:

$$D = \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\ldots & a_{1n} \\ a_{21} & a_{22}\ldots & a_{2n} \\ \ldots & \ldots & \ldots \\ a_{n1} & a_{n2\ldots} & a_{nn} \end{vmatrix} \qquad \Delta = \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\ldots & a_{n1} \\ a_{21} & a_{22}\ldots & a_{n2} \\ \ldots & \ldots & \ldots \\ a_{1n} & a_{2n\ldots} & a_{nn} \end{vmatrix}$$

Kesgitleýjiler deňdirler:

$$D = \Delta$$

2⁰. Eger, kesgitleýjiniň haýsy hem bolsa bir setiriniň elementleriniň ählisi nola deň bolsa, onda ol kesgitleýjiniň özi hem nola deň.

3⁰. Eger kesgitleýjiniň islendik 2-sany setiriniň ornuny çalyşsak, onda alnan bu kesgitleýji bilen başdaky berlen kesgitleýji bilen absalýut ululygy boýunça deňdirler, alamaty boýunça biri-birine tersdir. Ýagny, aşakdaky matritsalar berlen bolsa

$$D=\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\cdots & a_{n1} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{i1} & a_{i2}\cdots & a_{in} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{k1} & a_{k2\dots} & a_{kn} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{n1} & a_{n2}\cdots & a_{nn} \end{vmatrix} \qquad \Delta=\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\cdots & a_{n1} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{k1} & a_{k2}\cdots & a_{kn} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{i1} & a_{i2\dots} & a_{in} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{n1} & a_{n2}\cdots & a_{nn} \end{vmatrix}$$

Onda, bu kesgitleýjiler üçin

$$\Delta=-D$$

<u>4</u>

<u>4^0</u>. Eger, käbir matritsanyň haýsy hem bolsa 2-sany setirleriniň elementleri öz aralarynda biri-birleri bilen degişlilikde deň bolsalar, onda bu kesgitleýji nola deň.

<u>5^0.</u> Eger-de, kesgitleýjiniň haýsy hem bolsa bir setiriniň elementleriniň umumy köpeldijisi bar bolsa, onda bu umumy köpeldijini kesgitleýjiniň öňüne çykaryp bolýar.

Hakykatdanda,

$$D=\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\cdots & a_{n1} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ ma_{k1} & ma_{k2}\cdots & ma_{kn} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{n1} & a_{n2}\cdots & a_{nn} \end{vmatrix} = \sum_{j_1 j_2\cdots j_n}(-1)^t a_{1j_1}a_{2j_2}\dots ma_{kj_k}\dots a_{nj_n} =$$

$$=m*\sum_{j_1 j_2\cdots j_n}(-1)^t a_{1j_1}a_{2j_2}\dots ma_{kj_k}\dots a_{nj_n} = m\begin{vmatrix} a_{11} & a_{12}\cdots & a_{n1} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ ma_{k1} & ma_{k2}\cdots & ma_{kn} \\ \multicolumn{3}{c}{\dotfill} \\ a_{n1} & a_{n2}\cdots & a_{nn} \end{vmatrix}$$

<u>6^0</u>. Eger, kesgitleýjiniň haýsy hem bolsa, 2-sany setiri özaralarynda biri-birleri bilen proporsional bolsalar, onda, bu kesgitleýji nola deňdir. Bu häsiýet, 4^0 we 5^0-nji häsiýetlerden gelip çykýar.

<u>7^0.</u> Eger, kesgitleýjiniň haýsy hem bolsa, bir i-nji setiriniň her bir elementi 2-sany goşulyjy elementler görnüşinde berlen bolsalar, onda bu kesgitleýjini şol bir ölçegli 2-sany kesgitleýjiniň jemi görnüşinde özgerdip bolýar. Bu kesgitleýjileriň 1-njisiniň i-nji setirinde goşulyjylaryň 1-nji elementi, 2-nji kesgitleýjiniň i-nji setirinde bolsa, goşulyjylaryň 2-nji elementi ýerleşdirilendir. Galan setirleriniň elementleri bolsa, başdaky berlen kesgitleýjiniň elementlerine deňdir.

Hakykatdanda:

$$= \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} \dots & a_{1n} \\ \dots & \dots & \dots \\ a_{i1} & a_{i2} \dots & a_{in} \\ \dots & \dots & \dots \\ a_{n1} & a_{n2} \dots & a_{nn} \end{vmatrix} = \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} \dots\dots\dots & a_{1n} \\ \dots & \dots & \dots \\ b_{i1} + c_{i1} & b_{i2} + c_{i2} \dots & b_{in} + c_{in} \\ \dots & \dots & \dots \\ a_{n1} & a_{n2} \dots\dots\dots & a_{nn} \end{vmatrix} = \sum_{j_1 j_2 \dots j_n} (-1)^t a_{1j_1} a_{2j_2} \dots (b_{kj_k} + c_{kj_k}) \dots a_{nj_n} =$$

$$= \sum_{j_1 j_2 \dots j_n} (-1)^t (a_{1j_1} a_{2j_2} \dots b_{kj_k} \dots a_{nj_n} + a_{1j_1} a_{2j_2} \dots c_{kj_k} \dots a_{nj_n}) =$$

$$= \sum_{j_1 j_2 \dots j_n} (-1)^t (a_{1j_1} a_{2j_2} \dots b_{kj_k} \dots a_{nj_n} + \sum_{j_1 j_2 \dots j_n} (-1)^t (a_{1j_1} a_{2j_2} \dots b_{kj_k} \dots a_{nj_n}$$

$$= \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} \dots & a_{1n} \\ \dots & \dots & \dots \\ b_{k1} & b_{k2} \dots & b_{kn} \\ \dots & \dots & \dots \\ a_{n1} & a_{n2} \dots & a_{nn} \end{vmatrix} + \begin{vmatrix} a_{11} & a_{12} \dots & a_{1n} \\ \dots & \dots & \dots \\ c_{k1} & c_{k2} \dots & c_{kn} \\ \dots & \dots & \dots \\ a_{n1} & a_{n2} \dots & a_{nn} \end{vmatrix}$$

